**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

№15 (65) 2023-nji ýylyň 31-nji maýy



# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

*Syýasy teswir*

***29-njy maýda*** hormatly Prezidentimiziň ABŞ-nyň Prezidentiniň howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça ýörite wekili Jon Kerri bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy.

Söhbetdeşligiň dowamynda howanyň üýtgemegine garşy göreşmekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmek üçin görülýän çäreler babatda Türkmenistanyň we ABŞ-nyň garaýyşlaryndan ugur alnyp, bu meseläniň möhüm ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Telefon arkaly söhbetdeşlik amerikan tarapynyň başlangyjy boýunça geçirildi.

* * *

***29-njy maýda*** hormatly Prezidentimiz Horwatiýa Respublikasynyň Prezidenti Zoran Milanowiçe Horwatiýa Respublikasynyň milli baýramy — Döwlet güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz şu mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Zoran Milanowiçe tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, Horwatiýa Respublikasynyň ähli halkyna bolsa parahatçylyk, mundan beýläk-de ösüş hem-de rowaçlyk arzuw etdi.

* * *

***29-njy maýda*** hormatly Prezidentimiz Rejep Taýyp Ärdogana Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti wezipesine gaýtadan saýlanylmagy mynasybetli ýürekden çykýan gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň asyrlara uzaýan mizemez dost-doganlyga we özara ynanyşmaga esaslanýandygyny nygtap, häzirki wagtda giň ugurlar boýunça okgunly ösdürilýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belledi hem-de strategik häsiýete eýe bolan türkmen-türk gatnaşyklarynyň bilelikdäki tagallalaryň netijesinde halklarymyzyň bähbidine mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

* * *

***29-njy maýda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Rejep Taýyp Ärdogana Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň saýlawlarynda gazanan ýeňşi mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglaryny iberdi.

«Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar hakyky dostlugyň we ygtybarly hyzmatdaşlygyň mysaly bolup durýar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklarymyzda biz hemişe hoşniýetlilik, deňhukuklylyk, ynanyşmak ýörelgelerinden ugur alýarys» diýip, Gahryman Arkadagymyz türkmen-türk strategik gatnaşyklarynyň geljekde-de täze depginler bilen ösdüriljekdigine berk ynam bildirdi.

* * *

***29-njy maýda*** hormatly Prezidentimiz Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we müdiriýetiniň başlygy Jong Won-juny kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň biziň ýurdumyza şu gezekki saparynyň türkmen kärdeşleri bilen anyk netijeleriň gazanylmagyna gönükdirilen hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary boýunça pikir alyşmak üçin oňyn mümkinçilik açjakdygyna ynam bildirildi.

* * *

***30-njy maýda*** Eýran Yslam Respublikasynda iş saparynda bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow EYR-nyň ýol we şäher gurluşyk ministri Mehrdad Bazrpaş bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýan daşary syýasat ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, goňşy ýurtlar, şol sanda Eýran Yslam Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine möhüm üns berilýändigini belledi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**



## BRAIN-RING BÄSLEŞIGI

2023-nji ýylyň 28-nji maýynda Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp guralan brain-ring bäsleşiginiň jemleri jemlendi.

Jemleýji tapgyrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary üstünlikli çykyş edip, 3-nji orna mynasyp boldy.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyndan gatnaşan topary düzümi:

*1. Mätgurban Mätgurbanow, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.*

*2. Gurbansähet Gurbansähedow, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.*

*3. Rahym Şameýew, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.*

*4. Bägül Kakalyýewa, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.*

*5. Atamyrat Ýazweliýew, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.*

*6. Aýşirin Döwletowa, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.*

## TALENTED YOUTH HAVE BEEN AWARDED

An Internet Olympiad organized by the Training Center on Important Directions of Diplomacy of Turkmenistan of the Institute was held among the students of the higher educational establishments of our country on energy, transport and water directions of diplomacy of Turkmenistan. More than 120 students of higher educational establishments of our country took part in the Internet Olympiad and 57 of them became winners.



Also, on May 17, 2023, the Institute of International Relations held an intellectual competition on environmental protection and ecological culture among students of the 10th-11th grades of secondary schools of our country.

In this connection, on May 27, 2023, at the IIRMFA of Turkmenistan the results of both competitions have been summed up.

The results of the competition have been determined with the help of online exam portal and the winners were awarded with I, II, III level diplomas and valuable gifts on behalf of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the United Nations Office in Turkmenistan.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## ТВОРЧЕСКИЙ УСПЕХ НАШЕГО СТУДЕНТА

28 мая 2023 года были подведены итоги творческого конкурса, состоявшегося в честь 300-летия со дня рождения великого поэта и мыслителя Востока Махтумкули Фраги. Необходимо подчеркнуть, что студенту Национальной школы туркменской дипломатии довелось стать обладателем Гран-при конкурса. Точнее говоря, Гурбансахет Гурбансахедов, студент II курса факультета международной журналистики, смог показать своё умение и талант и тем самым получить Гран-при творческого конкурса.

# ТРАНСПОРТНАЯ ДИПЛОМАТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА

В новых исторических условиях 21 века уважаемый Президент Туркменистана, реализуя дальновидную политику, основанную на единстве мира, продвигает международные инициативы, направленные на создание транзитно-транспортной инфраструктуры, способствующей гармоничному развитию стран мира, и придает большое значение незамедлительной реализации данных инициатив. Был принят ряд итоговых документов по итогам международных конференций и форумов, в их числе – Конференция «Перспективы развития транспорта и транзита в регионе Центральной Азии и Каспийского моря», состоявшаяся в Ашхабаде в мае 2012 года, Конференция «Роль транспортных коридоров в обеспечении международного сотрудничества и устойчивого развития», состоявшаяся в сентябре 2014 года в Туркменистана на заседаниях Генеральных Ассамблей ООН были приняты Резолюция «Роль транспортно-транзитных коридоров в обеспечении международного сотрудничества в целях устойчивого развития» от 19 декабря 2014 года, Резолюция «На пути к обеспечению всестороннего взаимодействия между всеми видами транспорта в целях содействия созданию устойчивых мультимодальных транзитных коридоров» от 22 декабря 2015 года, Резолюция «Укрепление связей между всеми видами транспорта для достижения целей в области устойчивого развития» от 20 декабря 2017 года, Резолюция «Укрепление связей между всеми видами транспорта для обеспечения стабильных и надежных международных перевозок в целях устойчивого развития в период и после пандемии коронавирусного заболевания (COVID-19)» от 29 июля 2021 года, Резолюция «Интеграция массового использования велосипеда в системы общественного транспорта в интересах устойчивого развития» от 15 марта 2022 года, Резолюция «Всемирный день устойчивого транспорта» от 16 мая 2023 года, последовательное принятие которых является наглядным доказательством того, что транспортная дипломатия Туркменистана является эффективным инструментом налаживания международного сотрудничества. Туркменистан – страна, расположенная на выгодном перекрестке двух континентов и обладающая большим потенциалом для развития всех видов транспорта. Среди них – международная железная дорога «Казахстан-Туркменистан-Иран», открывающая прямой путь европейским странам из портов Балтийского моря на товарно-сырьевые рынки Персидского залива, Ближнего и Среднего Востока, стран Ближнего и Среднего Востока и стран побережья Индийского океана.



Ашхабаде, Первая Глобальная конференция по устойчивому развитию транспорта, состоявшаяся в ноябре 2016 года в Ашхабаде, Международная конференция по транспорту и логистике, посвящённая диверсификации транзитно-транспортного сотрудничества на Евразийском континенте, состоявшаяся в мае 2017 года в Национальной туристической зоне «Аваза», Международный форум «Великий Шёлковый путь – к новым рубежам развития», состоявшийся в мае 2018 года в Национальной туристической зоне «Аваза», Международная конференция министров транспорта стран-участниц Соглашения о транзитном и транспортном сотрудничестве (Соглашение по маршруту Ляпис Лазули), состоявшаяся в ноябре 2018 года в национальной туристической зоне «Аваза», Конференция министров транспорта развивающихся стран, не имеющих выхода к морю, состоявшаяся в августе 2022 года в Национальной туристической зоне «Аваза». На основании принятия таких документов по инициативе

*(Продолжение следует).*

***Перхат ЧАРЫЕВ,***
***старший преподаватель***
***Института международных***
***отношений.***

*El hünäri — il gezer*

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen türkmen halkynyň şöhratly taryhy, milli mirasy ylmy esasda öwrenilýär we dünýä derejesinde wagyz edilýär. Türkmen halkymyzyň naýbaşy gymmatlyklary ÝUNESKO-nyň umumadamzat gymmatlyklarynyň sanawyna goşulýar. Türkmen keşdeçilik sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulmagy halkymyzy çäksiz begendirdi, buýsandyrdy.**

Milli lybaslarymyzyň ählisi diýen ýaly owadan, many-mazmuna beslenen keşdeler bilen bezelýär. Şolaryň içinde zenanlarymyzyň döreden ajaýyp tahýalaryna uly orun degişlidir. Irki döwürlerde ene-mamalarymyz oýlanyp, pikirlenip, zehin eleginden eläp, türkmeniň milliligini, edep-ekramynyň, agraslygynyň nyşany bolan tahýalary döredipdirler.

# ÝAŞLARYŇ BAŞYNYŇ TÄJI

Başgap her bir halkyň etniki özboluşlylygyny görkezýän aýratynlyklaryň biridir. Türkmeniň boýdan-başa nagyşlara beslenen tahýasyny arzylamagy hem ýöne ýerden däl. Onuň her bir nagşy, her bir reňki türkmene mahsus häsiýetleri, halkyň durmuşyna, ruhy dünýäsine, dini ygtykatlaryna degişli maglumatlary özünde jemleýär.



Diýarymyzyň dürli künjeklerinde geýilýän tahýalar biri-birinden nagyşlarynyň dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýar. XIX asyrda Merw topragyna syýahat eden Edmond O'Donowan türkmen tahýalaryndaky nagyşlarda aýratynlyklaryň bardygy, keşdeleri boýunça ilatyň etniki tapawudyny bilip bolýandygy barada maglumat berýär. Türkmenistanyň günorta etraplarynda akgaýma, gültahýa we düýeboýun nagyşly tahýalar, günbatarynda labyr, tirana, kürk nagyşlary bilen keşdelenen tahýalar, gündogarynda çörek nagyşly galpak, bugdaý bogum, judur ýaly nagyş salnan owadan tahýalardyr börükler geýilýär. Olar nagyşlary we görnüşleri boýunça biri-birinden tapawutlanýan bolsalar-da, köpüsiniň depesi sekize bölünýär we depedäki nagyşlar sekizburçlugy emele getirýär. Sekiz şöhleli ýyldyzyň şekili bolsa Orta Aziýanyň sungatynda Gün hudaýyny alamatlandyrypdyr. Bu nagyş halylara hem çitilipdir. Ol «çarhypelek» ýa-da «ykbalyň tigri» diýlip atlandyrylypdyr. Çarhypelege meňzeş nagyşlar Günorta Türkmenistanyň Göksüýri medeni toplumynyň keramikasynda hem duş gelýär.

Altyndepeden tapylan miladydan öňki II müňýyllyga degişli hasap edilýän sekiz şöhleli ýyldyz kysmy mis möhür, zenan heýkelindäki sekizburçly ýyldyz, III asyra degişli Nusaýdan tapylan sekizburç görnüşli nyşan, Abu Seýit Mäneliniň türbedindäki gümmezde ýerleşdirilen sekiz şöhleli ýyldyzyň şekili, Soltan Sanjaryň gümmeziniň iç ýüzündäki girişde şekillendirilen sekiz şöhleli ýyldyz, XIV asyra degişli Merwden tapylan sekizburçly suw sepýän käse — pyýala ýaly tapyndylar sekizburçlugyň türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde aýratyn orny eýeleýändigine ýene bir ýola şaýatlyk edýär.

Akgaýma tahýanyň depesine, çaga sümmenlerinedir gulakjynlaryna keşdelenýän gülýaýdy nagşy nesil dowamatynyň nyşany hasaplanypdyr. Gülýaýdyny ene-mamalarymyz sep halylara, kilimlere, keçelere bagt getirýän nagyş hökmünde salypdyrlar. Alaja, tegbent, dagdan ýaly nagyşlar bolsa tahýalyja oglan-gyzlarymyzy bela-beterden goramak üçin keşdelenipdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe tahýa türkmen ýaşlarynyň başynyň täjine öwrüldi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz pederlerimiziň nesillerine naýbaşy gymmatlyklary miras galdyrandyklaryny nygtap: «Çagalaryna aýratyn söýgi, aýratyn alada bilen garamak, olara özüniň iň gowy zatlaryny bagyş etmek türkmenleriň gadymdan gelýän däplerini biridir» diýip belleýär. Syrly nagyşlara beslenen türkmen tahýasy hem atababalarymyzyň bize peşgeş beren iň ajaýyp gymmatlyklarynyň biridir.



***Aýna BAÝMURADOWA,***
***Jemgyýeti öwreniş ylymlary***
***kafedrasynyň uly mugallymy.***

*Президент Казахстана Касым-Жомарт Токаев на заседании Высшего Евразийского экономического совета в Москве предложил странам ЕАЭС рассмотреть возможность совместных инвестиций в строительство инфраструктуры в морских и сухих портах Туркменистана и Ирана.*

*24-nji maýda ÝUNESKO-nyň «Dünýä hakydasy» maksatnamasynyň sanawyna 46 sany dokumental ýygyndy girizildi. Şol sanawda Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysy hem bar.*

# TALYBYMYZ GDA-NYŇ «IŇ GOWY TALYBY» BOLDY

*Islendik işde üstünlige ýetmek her bir ynsanyň öz elinde. Üstünligiň açary bolsa diňe yhlasly zähmet çekmekden ybarat. Institutymyzyň talyplarynyň arasynda öz zehinini zähmet bilen utgaşdyryp, üstünligiň ýokary basgançagyna ädimme-ädim barýanlaryň ençemesiniň bardygy guwanarlykly ýagdaý. Şeýle talyplarymyzyň biri-de, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Serdar RAHYMOWDYR. Ol 2023-nji ýylda GDA-nyň «Iň gowy talyby» diýlip ykrar edildi.*



## «GDA 2022-iň iň gowy ýaş alymy»

Gazagystan Respublikasynyň Bilim we ylym ministrliginiň, «BOBEK» milli hereketi görnüşindäki ýuridik şahslaryň birleşiginiň goldawy bilen Halkara Ýaş Alymlar Assosiasiýasy tarapyndan guralan halkara bäsleşigine Azerbaýjan, Russiýa Federasiýasy, Belarus Respublikasy, Gazagystan, Özbegistan Respublikasy, Täjigistan, Türkmenistan, Gyrgyzystan ýaly döwletleriň zehinli ýaşlary gatnaşdylar. Bäsleşikde ylym, sungat, sport ugurlaryndan talyplaryň ylmy işleridir gazanan üstünlikleri seljerildi. GDA-da bilimiň we ylmyň ösüşine Serdaryň goşan uly goşandy bäsleşigiň emin agzalary tarapyndan ýokary baha eýe boldy. Netijede, Serdar Rahymow I derejeli diplom we GDA-nyň «Iň gowy talyby» diýen medaly bilen sylaglanyldy. Bäsleşige gatnaşan talyplaryň gazanan üstünlikleri «GDA-nyň iň gowy talyby» halkara ýygyndysyna giriziler.

«GDA-nyň «Iň gowy talyby» hökmünde meniň hem ykrar edilmegim ömrümiň ýatdan çykmajak pursady boldy. Bu üstünligimi institutymyzyň talyplarynyň üstünligi hasaplaýaryn. Gahryman Arkadagymyzyň sözleri bilen aýtsam, bilim meniň üçin täzeligiň we döredijiligiň çeşmesidir. Geljekki halkaraçy hünärmen, diplomat hökmünde öz ylmy-döredijilik gözleglerimi mundan beýläk hem dowam etdirmegi göz öňünde tutýaryn» diýip, Serdar buýsançly belleýär.

Serdar Rahymowyň «Sebit howpsuzlygyny üpjün etmekde öňüni alyş diplomatiýasynyň roly, Türkmenistanyň sebit we global derejede meseleleri çözmekde oňyn tejribesi» atly ylmy işi bäsleşigiň emin agzalary tarapyndan ýokary baha mynasyp bolup, onuň «GDA-da 2022-nji ýylyň iň gowy ýaş alymy» diýip ykrar edilip, II derejeli diplom bilen sylaglanandygyny bellemelidiris. Häzirki wagtda bolsa Serdar Rahymow «Bir gezek ulanylýan biodegrirlenip bilinýän eko-gap döretmek» taslamasynyň üstünde işleýär.

***Aýlar ATAJYKOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

# MAGTYMGULY PYRAGY — BEÝIK SAKAŽURNALIST WE SAKAPUBLISIST ŞAHYR

(Başlangyjy gazetiň 63-nji sanynda).

Filologiýa ylymlarynyň doktory, professor W.P.Trykow özüniň «Dünýä žurnalistikasyna giriş» diýen kitabynda: «Alymlaryň işlerinde «öň, deslap» we «proto» goşulmaly adalgalaryň ylma girizilmegi esaslandyrýar. Biz hem bu nukdaýnazary goldamak bilen, žurnalistikanyň gözbaşlaryny aňladýan dünýä medeniýetiniň bu hadysasyny «protožurnalistika» adalgasynyň üsti bilen aňlatmagy hödürleýäris» diýip ýazýar. Protožurnalistik ýa-da protožurnalistik hadysalar filologiýa ylymlarynyň doktory, professor Larisa Lytkinanyň «Gadymy siwilizasiýalaryň protožurnalistikasynyň taryhy», nemes alymy Salamonyň «Dünýä žurnalistikasynyň taryhy», filologiýa ylymlarynyň doktory, professor W.P.Trykowyň «Antiki protožurnalistikasy» atly kitaplarynda, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor P.Prohorowyň «Prožurnalistik hadysalar. Žurnalistikanyň döremegi» atly ylmy işinde prožurnalistikanyň häsiýetli taraplary barada giňden düşünje berilýär.

W.P.Trykow «Dünýä žurnalistikasyna giriş» diýen kitabynda şeýle belleýär: «Protožurnalistika ýa-da prožurnalistika häzirki zaman žurnalistikasy döremezinden öň, aragatnaşygyň möhüm görnüşi bolup hyzmat eden hadysadyr. Jemgyýetçilik ähmiýetli möhüm maglumatlary ýygnamak, işläp taýýarlamak we döwürleýin ýaýratmak işini ýerine ýetirýän sosial institut hökmünde düşünilýän häzirki zaman žurnalistikasy gadymy döwürlerde bolmandyr. Emma gadymy grek milleti durmuş ähmiýetli maglumatlary ýaýratmagyň prožurnalistika ýaly özboluşly ýollaryny işläp tapypdyr». Şulardan ugur alyp aýtsak, halkymyzyň jemgyýetçilik durmuşynda prožurnalistik hadysa jarçylaryň, ozanlaryň, boýçylaryň, bagşy-sazandalaryň... hünärleriniň üsti bilen ýerine ýetirilipdir. Şol aragatnaşyk görnüşleriniň biri hem goşgy bolupdyr. Ol türkmen halkynyň durmuşynyň özboluşly aýratynlygyna görä, hem edebi, hem prožurnalistik işi ýerine ýetiripdir.

Larisa Lytkinanyň ýazmagyna görä, «Rimlilerde prožurnalistika barada Rim Imperiýasy döwründe emele gelip başlady. Latyn elipbiýinde ýazylan gadymy ýazgylary alymlar b.e.öňki VII-VI asyrlara degişli hasaplaýarlar». Munuň özi gadymy türki elipbiýinde daşyň ýüzüne ýazylan Orhon-Ýeniseý ýazgylarynyň hem prožurnalistika girýändigini görkezýär.

Şeýlelikde, dürli degişli edebiýatlarda görkezilişine laýyklykda, prožurnalistikanyň esaslaryna we aýratynlyklaryna şu aşakdakylar mahsusdyr:

*1. Gadymy döwletlerde çykarylan ilkinji «gazetlerdir», (Rimde «Aksta Senatus», Gadymy Müsürde «Papirus» gazetleri);*

*2. Täzelikleriň we habarlaryň jarçylaryň, buşlukçylaryň, şahyrlaryň, jaňlaryň, deprekleriň, kepderileriň, ýakylan otlaryň... üsti bilen ýaýradylmagy;*

*3. Habarlaryň, täzelikleriň oratorlaryň, rawylaryň, bagşylaryň, ruhanylaryň, derwüşleriň, boýçylaryň, köşk şahyrlarynyň... üsti bilen ýaýradylmagy;*

*4. Habarlaryň, hakykatlaryň oňonlarda, tagmalarda, nagyşlarda, şekillerde, daş ýazgylarynda, hatlarda, halk döredijiliginiň eserlerinde berilmegi;*

*5. Habarlaryň we ideýalaryň goşgularda, dessanlarda beýan edilmegi;*

*6. Prožurnalistika maddy taýdan «neşiriň» az möçberde bolýanlygy, çap ediji enjamyň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär.*



Alym P.Prohorow: «Köpçülikleýin habar işiniň döreýiş taryhy has gadymy döwürlerden başlanýar. Olar, elbetde, prožurnalistik hadysalar görnüşinde ýüze çykypdylar. Ýöne jemgyýetçilik ösüşine güýçli täsir edýän, ösen görnüşlere geçen häzirki zaman žurnalistik hadysalaryň kökleriniň nireden gözbaş alyp gaýdýandygyna düşünmek, olara ýüz tutmak zerurdyr» diýip nygtaýar. Munuň özi häzirki zaman türkmen žurnalistikasynyň taryhyny düýpli öwrenmek işinde bu taryhyň gözbaşynda duran prožurnalistik hadysalary — «Oguznamalardan», «Gorkut atadan», Orhon-Ýeniseý ýazgylaryndan, haly, keramiki nagyşlarymyzdan başlap, Magtymgula we beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň, bagşy-sazandalarymyzyň, ozanlarymyzyň döredijiliginiň prožurnalistik gözbaşlar hökmünde öwrenilmelidigini görkezýär. Bu maglumatlar bize türkmen žurnalistikasynyň taryhyna hem täzeçe seretmäge we baha bermäge esas berýär. Has takygy, bäş müň ýyllyk türkmen taryhyny žurnalistik taýdan baha bermek bilen, bu taryhyň XIX asyryň ahyryna çenli döwrüni türkmen žurnalistikasynyň prožurnalistik-protožurnalistik taryhy, XIX asyryň ahyryndan häzirki taryhyna çenli aralygy bolsa türkmen žurnalistikasynyň häzirki zaman taryhy diýip atlandyryp bileris.

P.Prohorowyň bu ugurdaky işinde: «Demosfen, Siseron ýaly gadymyýetiň beýik suhangöýleriniň halk köpçüligine maksatlaýyn gönükdirilen, olara psihologiýa taýdan täsir eden ol ýa-da beýleki hereketleri etmäge oýaran pikirleri we garaýyşlary döreden syýasy işleri prožurnalistik işler diýip ynamly kesgitlemäge mümkinçilik berýän ýüze çykmalardyr» diýilýär. Şu nukdaýnazardan ugur alanymyzda, Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň täze ýaşaýyş filosofiýasyny emele getirmek, garaşsyz döwlet gurmak baradaky ideýalarynyň döredijilik mirasy hem şol bir wagtyň özünde prožurnalistik ýüze çykmadyr.

1991-nji ýylyň 16-njy martynda, entek Soýuz döwründe şol wagtky «Ýaş kommunist» gazetinde çap edilen, türkmen halkynyň Soýuzdan el çekip, öz garaşsyz döwletini gurmaga çagyryp, taryhy we ykdysady seljermeleýin esasda ýazylan «Soýuz hem Garaşsyzlyk» atly publisistik işe Magtymguly Pyragynyň «Budur türkmen binasy», «Azat il islärin» ýaly watançylyk, erkinlik, azatlyk, garaşsyzlyk ruhda ýazan sakažurnalistik we sakapublisistik goşgulary uly ruhy daýanç binýatlary bolupdy.

Prožurnalistik işiň barha ösmegi bilen ýörite «habar gulluklarynyň» döredilmegine zerurlyk peýda bolýar. Şeýlelikde, ilkinji «gazette» sözi döreýär. Ol «gazetta» diýen söz monetanyň — şaýy köpügiň adyndan gelip çykypdyr. «Gazetta» diýlip atlandyrylan moneta, ýagny köpüge täze habarlaryň ýygyndysy satylypdyr.

*(Dowamy bar).*

***Täçgeldi GUTLYÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy, Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti.***

*I find that the harder I work, the more luck I seem to have.*
*Thomas Jefferson*

*Gurdugym aslynda bilgil, bu zeminiň myhydyr,*
*Erer ol erkan mydam, budur türkmen binasy.*
*Magtymguly Pyragy*

# Our children are the future of the world

Children are the future prospects of society. The traits, culture and uniqueness of the community are passed down from generation to generation. Therefore, society should protect and value them. Service is the responsibility of parents, families, communities, and the nation.

Children are the future of the world and the seed of our future. The better the nutrition, the healthier the plant. The more we take care of them, the better our future will be. They are going to be the leaders of tomorrow and will make decisions, choices that will directly affect our generation. Children are flexible, so it is up to us to mold them well and show them in the right direction. However, who specifically is going to mold these children? Working six to eight hours a day, five days a week, teachers can become one of the most influential people in a child's life. After the parents, the children first learn from their teachers.

As it is known, International Children's Day is celebrated annually on June 1 in different parts of the world as an initiative for children's well-being and rights. This day is celebrated as part of a greater cause that revolves around ending child abuse, ending the deprivation of children of their rights, and making efforts to improve the lives of children all around the world.



According to sources, International Children's Day is a commemorative day in honor of children worldwide. Celebrated as part of the 1925 Proclamation in Geneva at the World Conference on Child Welfare, the day is observed on different dates in different parts of the world. Some countries celebrate it in June, some in November, but the aim of the day has always been the same.

UNICEF is considered an organization that supports all activities undertaken by governments to protect children.

Child Protection is universal: it is for all children everywhere, from low- to high-income countries. The vision of the UNICEF Child Protection Strategy is a world where all children are free from violence, exploitation, abuse, neglect and harmful practices.

UNICEF works in over 190 countries and territories to save children's lives, to defend their rights, and to help them fulfill their potential, from early childhood through adolescence. And we never give up.

It should be noted that Ashgabat, 06 May 2021: UNICEF and the Institute of State, Law and Democracy of Turkmenistan have organized a meeting with the Working Group of the Inter-Ministerial Commission on the implementation of the International Obligations of Turkmenistan in the area of Human Rights and International Humanitarian Law. The main objective of the meeting was to discuss the priority actions of the joint work plan on Justice for Children and Child Protection Systems in Turkmenistan for the period of 2021-2022 within the Country Programme of Cooperation between UNICEF and the Government of Turkmenistan for 2021-2025.

The work plan serves as the basis for the joint efforts of the Inter-Ministerial Commission on Human Rights and UNICEF to achieve the Goal 5 of the National Plan of Action for Realization of Child Rights in Turkmenistan for 2018-2022 and to initiate the development of a long-term Strategy and Programme on Justice for Children. "UNICEF remains committed to provide technical support to the Government of Turkmenistan to advance the child protection and juvenile justice program in the country for the benefit of all children," said Alexandru Nartea, UNICEF Deputy Representative in Turkmenistan.

In this regard, our independent state has acceded to a number of important international legal norms, including the World Declaration on ensuring the life, protection and development of children, the UN Convention on the Protection of Children's Rights. Being a member of the Executive Board of the United Nations Children's Fund and the Commission on the Status of Women, Turkmenistan works together to protect the health of children, provide them with high-quality education, and ensure the safety of future generations.

The National Leader of Turkmen People, our Hero Arkadag notes that it is important to develop broad cooperation in these areas, including cooperation with UNICEF, which actively participates in the successful implementation of mother and child protection programs in our country.

It is necessary to note that there is the Charitable Foundation for Assistance to Children in Need of Guardianship forename Gurbanguly Berdimuhamedov. As it is known that The Charity Foundation was established in March 2021. It finances the provision of medical and educational services, as well as covers the costs for proper rest and development of children in need of care.

As it is known that the June program starts with festive celebrations on the occasion of the International Children's Day. On June 2, the summer holiday season starts in the children's health resort of Gokdere and traditionally the departure of bus "caravans" with schoolchildren to the camps takes place, which is accompanied by fun performances.

It should be noted that according to the country's official media reports in 2022, our esteemed President visited the "Döwletliler Köşgi" (Palace of Orphans) on Tuesday on the occasion of the International Children's Day and took part in the festive event. There, our esteemed President met with the children and inquired about their well-being, activities during their free time, studies and academic achievements. Having congratulated the children of "Döwletliler Köşgi" on the International Children's Day and on the successful completion of their studies, our esteemed President said the state always takes care that children have a good rest, receive high-quality education and upbringing.

It is necessary to mention that speaking about the International Children's Day that this date is of great importance in the life of society and children. It is obvious that the state support for large families in the future, it is planned to develop appropriate legal acts, which means that the activities, are being carried out in this area are aimed at building a happy life for the children of whom we are proud of. We can proudly say that the important work is being carried out in our country to constantly provide the children's health care system with specialists that meet international requirements in the field of medicines and health protection products, and to strengthen the material and technical bases of health care.

*Kerim BAYMYRADOV,*
*the 2nd year student of the Faculty of International Relations.*

# Ashgabat is a hallmark of Independence



Ashgabat - Turkmen capital, which marks its 142th anniversary, is a center of business and cultural life of the country, which welcome the guests and celebrate holidays widely. Magnificent modern buildings of museums, theatres, libraries, cinemas and exhibition halls, open stages and other facilities are true adornment of Ashgabat.

There are many architectural masterpieces in Ashgabat, which is indicated by prestige international prizes and certificates. Thus, European prizes have been awarded for the architecture of public facilities to Ashgabat's Wedding Palace (in "Best Public Architecture" category) Turkmenistan TV and radio Broadcasting Center (in "Highly Commended Public Service Architecture"). The main decoration of TV Center, huge Oguzkhan Star has been registered in the Guinness Record Book as the biggest architectural image of star.

Different facilities of Ashgabat have been registered 11 times in the Guinness Record Book. Every time, it described Turkmen capital in its own way. Ashgabat has been listed in this book as a city with biggest concentration of white-marble buildings (2013), which resembles neutral status of the country and its peace-loving. As it is known, white color symbolizes light intents and solidarity from ancient times.

Ashgabat is a hallmark of independent Turkmenistan, which visually embodies the scale and dynamics of changes. Big architectural projects implemented these days are to strengthen the status of Ashgabat as one of most beautiful and developed cities of the world.

Undoubtedly, modern Ashgabat is a city rushing to the future. At the same time, the success of high spiritual culture, which has been carried through thousands of years, which is proven by studies of scientists and discoveries of archeologists, is carefully preserved here.

Ashgabat is always young and full of plans and perspectives. The culture gives spiritual component to the capital, it has the main role in the strategy of further development of white-marble Turkmen capital – the heart of our independent and neutral Motherland.

*Humay ANNAGELDIYEVA,*
*the 4th year student of the Faculty of International Journalism.*

*There are no seven wonders of the world in the eyes of a child. There are seven million.*
*Walt Streightiff*

*Самый чудесный город — это тот, где человек счастлив.*
*Эрих Мария Ремарк*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** T.Myratlyýew.
**Korrektorlar:** A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
yashdiplomathgi@gmail.com